# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

(makalalar ýygyndysy)

Aşgabat • Ylym • 2024

ulanmaga uýgunlaşmagy ýiti zerurlyga öwürdi. Şoňa görä-de, uzak aralykdan işlemek, wideoaragatnaşyk arkaly kommunikasiýany guramak, jemgyýetçilik torlarynyň, web saýtlaryň işini işjeňleşdirmek, elektron resminama dolanyşygyny ýola goýmak, elektron söwda ýaly ugurlar gündelik işiň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Umuman, sanly ulgamlar adamzat durmuşynyň ähli ugurlaryny gurşap almak bilen, işleri awtomatlaşdyrmak we robotlaşdyrmak arkaly zähmet öndürijiligini artdyrmaga, müşderiler bilen has ýygjam gatnaşyk saklap, olaryň ösen isleglerini kanagatlandyrmaga ýardam berýär. Dünýäniň islendik künjeginde ýerleşip, birek-birek bilen aragatnaşykda bolmaga, hyzmatdaşlyk etmäge mümkinçilik döredýändigi bolsa sanly tehnologiýalaryň esasy artykmaçlyklarynyň biridir [2].

Bir söz bilen aýdylanda, sanly tehnologiýalar durşy bilen amatlylykdyr. Olar wagty tygşytlaýar, adamlaryň, dürli işleri alyp barýan guramalardyr düzümleriň işini ýeňilleşdirýär. Sanlylaşdyrylma hadysasynyň maksatlaryna üstünlikli ýetilmeginiň adamzat siwilizasiýasynyň ösüşini hil taýdan täze derejä çykarmaga ýardam berjekdigi ikuçsuzdyr.

### EDEBIÝAT

1. https://www.humanrightscareers.com/issues/biggest-ngos-in-the-world/.
2. Şol ýerde.
3. https://www.investopedia.com/ask/answers/13/what-is-non-government-organization.asp.
4. Şol ýerde.
5. *Lindblom A.K.* Non-governmental organizations in international law. Cambridge: Cambridge University Press, 2005.
6. Talmon Stefan. Essential Texts in International Law. Edward Elgar Publishing, 2016.

**Gülnabat Rahmedowa,**
*Sanly diplomatiýa ugrunyň magistranty*

## KONSULLYK GULLUKLARYNYŇ IŞINDE SANLY TEHNOLOGIÝALARYŇ ULANYLMAGYNYŇ ÄHMIÝETI

Sanly tehnologiýalar diňe bir ylym adamlarynyň däl, eýsem tutuş ynsanyýetiň ýaşaýyş-durmuşynyň ýeňilleşmegini üpjün edýär. Sanly tehnologiýalaryň dürli görnüşleri bolup, olar özünde elektron poçta, elektron resminama, uzak aralykdan ylym-bilim almak, ylmy işler, okatmagyň elektron serişdesi, bäsleşikler, olimpiadalar, maslahatlar, forumlar, okuw kitaplary, okuw gollanmalary we sözlükler ýaly bölümleri jemleýär.

Soňky ýyllarda Türkmenistanda hem sanly tehnologiýalary durmuşa ornaşdyrmak we elektron hyzmatlary ulanmagyň gerimini giňeltmek boýunça uly işler alnyp barylýar.

Bütin dünýäde bolşy ýaly, Türkmenistanda hem döwrebap tehnologiýalardan ýerlikli peýdalanmak, şeýle-de olaryň mümkinçiliklerini ýurduň ykdysady kuwwatyny artdyrmaga gönükdirmek şu günüň gaýragoýulmasyz meseleleriiniň hataryna girýär. Şol sebäpli-de, Türkmenistanyň milli ykdysadyýetiniň ähli pudaklaryny sanly ulgama geçirmek, önümçilige ylmyň täze gazananlaryny ornaşdyrmak boýunça maksatnamalaýyn işler alnyp barylýar. Munuň özi häzirki döwrüň talaplaryna laýyklykda, pudaklaryň işini döwrebaplaşdyrmakda aýratyn ähmiýete eýedir.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň milli ykdysadyýetini diwersifikasiýalaşdyrylýan şertlerinde elektron senagaty döretmek maksady bilen, "Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynyň" amala aşyrylmagyna girişildi. Bu konsepsiýa 7 bölümden ybarat bolup, olarda maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň ulgamy, konsepsiýanyň maksatlary we wezipeleri, ony durmuşa geçirmegiň ugurlary we gurallary, garaşylýan netijeler öz beýanyny tapdy [1].

Sanly tehnologiýalaryň döredýän mümkinçilikleri soňky ýyllarda halkara gatnaşyklarynda hem giňden ulanylyp başlandy. Indi halkara forumlarda we sammitlerde edilýän çykyşlaryň belli bir böleginiň uzak aralyklaýyn görnüşde geçirilýänligi köp ulanylýan usullaryň birine öwrüldi. Diplomatik gatnaşyklarda hem sanly tehnologiýalaryň mümkinçilikleri giňden ulanylyp başlandy. Sanly tehnologiýalar has hem konsullyk gulluklarynyň alyp barýan gündelik işlerinde ýygjamlaýyn ulanylýar.

Konsullyk gulluklaryň işinde sanly tehnologiýalaryň ulanylmagynyň bähbitli taraplary baradaky anyk gürrüňe geçmezden öňürti, "konsulluk gullugy" diýlip atlandyrylýan işiň aýratynlyklarynyň üstünde durup geçilmegi zerur.

Döwletler daşary ýurtlaryň käbirlerinde, adatça, özleriniň ýakyn hyzmatdaşlyk edýän ýurtlarynyň köp ilatly şebitlerinde, konsullygyň döwleti bilen öz döwletiniň ýygjam aragatnaşyklaryň bar bolan ýerlerinde özleriniň konsullyk gulluklaryny döredýärler. Konsullyklar öz döwletiniň resmi wekili hökmünde degişli döwletde ýaşaýan öz raýatlarynyň bähbitlerini aramak bilen baglanyşykly işleri we öz döwletiniň degişli daşary ýurt bilen söwda, ykdysady, bilim, medeni we logistiki meseleler babatyndaky baglaşan ylalaşyklarynda göz öňünde tutulan borçlaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek, öz ýerleşýän döwletiniň raýatlarynyň ony ýollan döwlete gitmekligine wiza bermek ýaly işleri alyp barýarlar.

Konsullyklar öz bolýan ýurtlarynda diplomatik gulluklar bilen deňeşdirilende çäklendirilen hukuklardan peýdalanýarlar. Konsullyklar ilçihanalar ýaly öz ýerleşýän ýurdunda döwlete wekilçilik edip bilmeýär. Döwletara gatnaşyklarda konsullyklar öz döwletine diňe emläk-hukuk gatnaşyklary bilen baglanyşykly meseleler babatynda wekilçilik edýärler. Öz konsullygyny açmak üçin döwletler degişli döwletden razylyk alýarlar.

Türkmenistan hem öz hyzmatdaşlyk edýän döwletleriniň birnäçesinde öz konsullyk edaralaryny döredýär. Türkmenistanyň konsullyk gulluklary onuň beýleki ýurtlar bilen dostlukly gtanaşyklarynyň ösmegine, söwda, ylmy-tehniki, medeni gatnaşyklarynyň we syýahatçylygyň giňelmegine ýardam berýärler. Konsullyk edaralar Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda açylýar we öz işini bes edýär. Konsullyk edaralary Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň ulgamyna girýär we oňa öz işi barada hasabat berýär. Daşary ýurtlardaky Türkmenistanyň konsullyk edaralary şu aşakdaky bölümlere bölünýär:

- Baş konsullyk;
- Konsullyk;
- Wise-konsullyk;
- Konsullyk agentligi.

Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalarynyň konsullyk bölümleri baş konsul ýa-da konsul diýip atlandyrylýan konsullyk edaralarynyň müdirleri tarapyndan dolandyrylýar. Konsulyň wezipesine Türkmenistanyň harby-kömekçi gämileriniň harby korabllary, Türkmenistanyň gämileri, Türkmenistanyň raýat-howa gämileri, sanitariýa, fitosanitariýa we weterinariýa goragy bilen bagly hereketler girýär [2]..

Konsullyk gullugynyň işleri beýleki edaralaryňkydan ähli işleriň resminamalaýyn amala aşyrylýandygy üçin tapawutlanýar. Bulardan başga-da ýerine ýetirýän wezipesiniň köplügi sebäpli, gullukda işgärleriň sanynyň köplügi hem bu gulluga sanly tehnologiýalaryň düýpli ornaşdyrylmagyny talap edýär.

Sanly tehnologiýalaryň konsullyk gulluklarynyň işinde ulanylyşynyň öňdebaryjy halkara tejribesine esaslanyp, biz Türkmenistanyň daşary ýurtlarda hereket edýän konsullyk edaralarynyň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin aşakdaky ýaly maksatnamalaryň işlenilip düzülmelidigi baradaky teklipleri girizmek isleýäris:

1. Konsullyk gullugynyň işgärleri üçin maksatnama.
2. Raýatlary konsullyk gullugynyň işi bilen tanyşdyrmaklyga niýetlenilen maksatnama.
3. Türkmenistanyň daşary ýurtdaky konsullyklarynyň özara gatnaşyklaryna degişli maksatnama.

Maslahatlar üç dilde (iňlis, rus we türkmen) maglumatlar berilmeli. Dili ulanyjynyň özi saýlamaly. Konsullyk işleri baradaky Kanunyň üçünji babynyň 14-nji maddasyna laýyklykda, konsullyk wezipeli adam ýokary bilimli, Türkmenistanyň döwlet dilini we daşary ýurt dilini bilýän, hünär derejesi we konsullyk gullugynda işlemek üçin zerur ýörite bilimleri bolan Türkmenistanyň raýaty bolmaly. Şu madda esaslanyp, programmada dürli daşary ýurt dillerini ulanmak konsullaryň hünär derejesini ýokarlandyrmakda önjeýli goşant bolar.

1. Soňra konsullyk gullugynyň edaralarynyň toparlary boýunça işgärleriň ýerine ýetirilmeli işleri görkezilýän bölümçe bolmaly:

– Baş konsullyklaryň görkezmeleri ýerleşdirilen bölüm;
– Konsullyklaryň kararlary ýerleşdirilen bölüm;
– Wise-konsullyklaryň görkezmeleri ýerleşdirilen bölüm;
– Konsullyk agentlikleriniň görkezmeleri ýerleşdirilen bölüm.

Bu bölümler arkaly gullukdaky işgärleriň biri-biriniň işinden habarly bolmagy has ýeňilleşýär we konsullyk edaralarynyň toparlary öz işlerini beýleki toparlaryň görkezmeleri bilen tanşyp, olaryň işi bilen utgaşykly alyp baryp biler.

2. Her bölümiň içinde ownujak toparçalar döredilmeli.

3. Konsullyk edaralarynyň işgärleriniň "diplomatiýa diline" eýe bolmaklary üçin hem bir bölümçe berilse, has netijeli usullary gazanmak mümkin.

Konsullyk gullugynyň işi bilen raýatlary tanyşdyrmak üçin taýýarlanylan maksatnama barada aýdylanda, onuň zerurlygy ilat bilen döwlet edaralarynyň arasyndaky aragatnaşygy has hem ykjamlaşdyrmakda ýüze çykýar. Konsullyk edaralarynyň işine, ýokarda belleýşimiz ýaly, daşary ýurtlar bilen gatnaşyklar degişlidir.

Türkmenistanyň raýatlary daşary ýurtlar bilen söwda, ykdysady, bilim, tehnika taýdan aragatnaşyklary giňden alyp barýarlar. Şu maksat bilen raýatlara konsullyk gullugynyň işleri bilen tanyşmak üçin aşakdaky bölümleri öz içine alýan programma hödürleýäris:

1. Türkmenistanyň harby-kömekçi gämileriniň harby korabllary bölümi.
2. Türkmenistanyň gämileri bölümi.
3. Türkmenistanyň raýat howa gämileri bölümi.
4. Sanitariýa bölümi.
5. Fitosanitariýa bölümi.
6. Daşary ýurtlaryň we halkara guramalaryň diplomatik wekilhanalary bölümi.
7. Türkmenistana gelýän raýatlygy bolmadyk daşary ýurtlular bölümi.
8. Gulluk ýa-da iş maksat bilen Türkmenistana gelýän raýat bolmadyk daşary ýurtlular bölümi.
9. Türkmenistana zähmet hereketlerini amala aşyrmak üçin gelýän raýatlygy bolmadyk daşary ýurtlular bölümi.
10. Türkmenistana şahsy işleri boýunça gelýän raýatlygy bolmadyk daşary ýurtlular bölümi.
11. Türkmenistanyň territoriýasyndan üştaşyr geçýän raýatlygy bolmadyk daşary ýurtlular bölümi.
12. Syýahatçylyk maksatlary bilen Türkmenistana gelýän raýatlygy bolmadyk daşary ýurtlular bölümi.
13. Bilim almak maksady bilen Türkmenistana gelýän raýatlygy bolmadyk daşary ýurtlular bölümi.
14. Lukmançylyk barlaglary geçmek we bejergi almak maksady bilen Türkmenistana gelýän raýatlygy bolmadyk daşary ýurtlular bölümi.

15. Halkara gatnawlarda ýolagçylaryň we ýükleriň gatnawyny amala aşyrýan daşary ýurt ulag ekipažlarynyň düzümine girýän fiziki şahslar bölümi.

Bu hili bölümleriň bolmagy konsullyk gulluklarynyň raýatlar bilen özara gatnaşyklarynyň netijeli ýola goýulmaklygyna oňyn täsir edip biljekligi gümansyzdyr. Ýene bir bellenilmeli zat – bu programmalara ady girizilen şahslara degişli maglumatlaryň goraglylygy birkemsiz üpjün edilmelidir. Şu maksat bilen, programmadan peýdalanýan raýatlarda programma özüniň girizen şahsy maglumatlarynyň goraglylygynyň üpjün ediljekligine ynamyň döredilmegi hem göz öňünde tutulmalydyr.

Umuman alanyňda, konsullyk gullugynyň işi özüne örän agyr wezipeleri jemleýär. Şonuň üçin-de bu gullugyň işine sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy meselesi şu günki günüň iň wajyp meselelериниň birine öwrülýär we bu ugurda degişli işleriň ýokary depginlerde alnyp barylmagy zerur hasaplanylýar.

## EDEBIÝAT


1. Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy. – A., 2018.

2. Konsullyk gullugy hakynda Tükmenistanyň Kanuny. – A., 2020.



**Raşit Gökjäýew,**
*Sanly diplomatiýa ugrunyň magistranty*


# TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY SYÝASATYNY DURMUŞA GEÇIRMEKDE BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASYNYŇ ORNY

Halkara gatnaşyklarynda parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmak, durnuklylygy üpjün etmek Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynyň möhüm ugry bolup durýar. Türkmenistan bu ugurda yzygiderli çäreleri durmuşa geçirmek bilen umumydünýä wehimlerine netijeli garşy durmak boýunça tagallalary birleşdirmek işinde bitaraplygyň mümkinçiliklerinden işjeň peýdalanýar. Bitaraplygy saýlap almakda türkmen halkynyň baý taryhy tejribesiniň möhüm ähmiýete eýe bolandygyny bellemek gerek. Parahatçylyksöýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk, birek-birege hormat goýmak, dostluk, açyklyk türkmen halkynyň milli özboluşlylygynyň esasyny düzüpdi.

Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň binýady bolup durýan bitaraplyk özünde halkara hukugyň we diplomatiýanyň üýtgewsiz ýörelgelerini, şeýle hem parahatçylyk dörediji gatnaşyklaryň oňyn tejribesini we halkara hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna gönükdirilen iri başlangyçlaryň öňe sürülmeginiň hem-de